# Goñşokara

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Goñşokara Baýram JÜTDIÝEW

▶ GOÑŞOKARA

Git, okaram, aşly git,
Gel, okaram, aşly gel.
Ýere oklanan tohum ~
Garyş-garyş başly gel.

Owuzly git, okaram,
Yzyña owuzly gel.
Çäjiñize bereket ~
Ömürli-mañyzly gel.

Çelpek gatnap arada ~
Arada pişme gezsin!
Türkmen türkmene dogan,
Ýamanlar daşda gezsin!

Nan ýapylyp tamdyra
Ýodalaryñ ~
ýol bolsun!
Ýagşy goñşy döwletdir
Goñşy goñşa il bolsun!

Ata-baba ýoluñdan
Sowulma, sen, sowulma!
Git, okaram, gaýdyp gel ~
Orta ýolda döwülme!.. Goşgular